«TASSYKLAÝARYN»
Aba Annaýew adyndaky Halkara
atçylyk akademiýasynyň rektory
__________P.Baýramdurdyýew

«16» ____maý______2025ý.

**Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň gurnamagynda Çagalary goramagyň Halkara güni hem-de Arkadag şäheriniň 1-nji tapgyrynyň açylyp ulanylmaga berilmeginiň 2 ýyllygy mynasybetli Arkadag şäheriniň mekdep okuwçylarynyň arasynda «Arkadag şäheri – ýaşlygyň we gözelligiň şäheri» atly surat çekmek bäsleşiginiň**

# DÜZGÜNNAMASY

Ajaýyp ýurdumyzda Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda jemgyýetiň geljegi bolan çagalaryň sagdyn, ruhubelent, ylymdan we bilimden ýüki ýetik bolmagy üçin ähli mümkinçilikler döredilýär. Ýurdumyzda çagalaryň saglygyny goramak, we zähmete uýgunlaşdyrmak hem-de döredijilik bilen meşgullanmagy üçin köpsanly işler durmuşa geçirilýär. «Bal süýji, baldan-da bala» diýen parasatly pähimde halkymyzyň ynsan durmuşynyň gül-gunçalary hasaplanylýan çagalara bolan buýsanjy şöhlelenýär. Türkmenistan Watanymyz – bagtly çagalygyň mekany. Ýurdumyzda ýaş nesliň aýratyn alada, söýgi bilen gurşalmagy hem şeýle diýmäge esas berýär. Arkadag şäherinde çagalara niýetlenen kaşaň desgalardyr binalaryň ençemesiniň bolmagy bolsa, döwletimizde çagalar hakdaky alada aýratyn ähmiýet berilýändiginiň aýdyň subutnamasydyr.

Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasy Arkadag şäheriniň binagärlik gurluşyny, gözelligini wasp etmek, mekdep okuwçylarynyň döredijilik ukyp başarnygyny ýokarlandyrmak, özbaşdak pikirlenmegi, pikirlerini beýan etmegi, öňde goýlan meselelerden baş alyp çykmagy, zehinli we ukyply çagalary ýüze çykarmak maksady bilen Çagalary goramagyň Halkara güni hem-de Arkadag şäheriniň 1-nji tapgyrynyň açylyp ulanylmaga berilmeginiň 2 ýyllygy mynasybetli Arkadag şäheriniň mekdep okuwçylarynyň arasynda «Arkadag şäheri – ýaşlygyň we gözelligiň şäheri» atly surat çekmek bäsleşigini yglan edýär.

## I.BÄSLEŞIGIŇ MAKSADY

«Halkara parahatçylyk we ynanyşmak» ýylynda Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň gurnamagynda Çagalary goramagyň Halkara güni hem-de Arkadag şäheriniň 1-nji tapgyrynyň açylyp ulanylmaga berilmeginiň 2 ýyllygy mynasybetli Arkadag şäheriniň kiçi ýaşly mekdep okuwçylarynyň arasynda «Arkadag şäheri – ýaşlygyň we gözelligiň şäheri» atly surat çekmek bäsleşiginiň esasy maksady:

- Arkadag şäheriniň ajaýyp binagärlik keşbiniň owadanlygyny, görkanalygyny, milli binagärlik sungatynyň özboluşly aýratynlygyny wasp etmekden;
- Okuwçylaryň döredijilik ukyp-başarnygyny we bilim derejesini ýokarlandyrmakdan;
- Okuwçylaryň çeper-döredijilik ukyplaryny, aň-düşünjelerini, estetiki duýgularyny ösdürmekden;
- Surat çekmek bilen meşgullanýan okuwçylary höweslendirmekden we döredijilik ukyplaryny işjeňleşdirmekden ybaratdyr.

## II. BÄSLEŞIGIŇ ŞERTLERI WE GEÇIRILIŞI

1. Bäsleşik 2025-nji ýylyň 30-njy maýynda 14:00-da Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynda geçiriler;
2. Bäsleşige Arkadag şäheriniň umumybilim edaralarynyň 5-8-nji synp mekdep okuwçylary gatnaşyp bilerler;
3. Bäsleşige Arkadag şäherinde ýerleşýän orta mekdepleriniň hersinden jemi 2 sany okuwçy gatnaşyp biler;
4. Ýaş suratkeşleriň bäsleşigiň dowamynda çekjek suratlarynda Arkadag şäheriniň binagärlik aýratynlygy, şäherde ynsan eli bilen döredilen gözellikleriň ajaýyp sazlaşygy, Arkadag şäheri bagtly çagalygyň, bagtyýar ýaşlaryň mekany ýaly temalar beýan edilmeli;
5. Bäsleşige gatnaşýan okuwçylar çarçuwa çekdirilen ak kagyz, mata, karton we surat çekmekde gerekli şahsy çeper serişdelerini özleri getirmeli;
6. Çarçuwa çekdirilen kagyzlaryň ölçegi 55x75 sm bolmaly;
7. Bäsleşige gatnaşyja malbert, oturgyç akademiýa tarapyndan üpjün edilýär;
8. Surat çekmekde okuwçylar çeperçilik serişdelerinden dürli galam, tuş, akwarel, gauş we akril boýaglary ulanyp bilerler;
9. Surat çekmekde ýokarda agzalan serişdeleri garyşdyryp ulanmaga rugsat berilýär;
10. Bäsleşige gatnaşýan okuwçylara işini doly derejede gutarmaklary üçin jemi 2 sagada çenli dowamlylykda wagt berilýär;
11. Bäsleşige gatnaşmaga hödürlenýän okuwçylar baradaky maglumatyň elektron görnüşini goşunda laýyklykda taýýarlap haa.yashlar@gmail.com elektron salgysyna 2025-nji ýylyň maý aýynyň 28-ne çenli ugratmaly;
12. Bäsleşigiň eminler topary Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň wekilleri tarapyndan düzüler;

13. Bäsleşige degişli goşmaça soraglary Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň Ýaş alymlar Geňeşine ýüz tutup öwrenip bilersiňiz *(habarlaşmak üçin +99365969287).*

## III. BÄSLEŞIGIŇ JEMLENILIŞI

1. Bäsleşige hödürlenen işler eminler topary tarapyndan bahalandyrylar we ýeňijiler yglan ediler;
2. Bäsleşikde iň gowy suratlara degişlilikde I, II, III orunlar beriler we ýeňijilere Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň adyndan diplomlar we sowgatlar gowşurylar.

*Goşundy*

Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň gurnamagynda Çagalary goramagyň Halkara güni mynasybetli hem-de Arkadag şäheriniň 1-nji tapgyrynyň açylyp ulanylmaga berilmeginiň 2 ýyllygy mynasybetli Arkadag şäheriniň mekdep okuwçylarynyň arasynda «Arkadag şäheri – ýaşlygyň we gözelligiň şäheri» atly surat çekmek bäsleşigine gatnaşmaga teklip edilýän okuwçylar barada maglumat

| T/b | Okuwçynyň familiýasy, ady we atasynyň ady | Okaýan mekdebi | Synpy |
|---|---|---|---|
| 1. | | | |
| 2. | | | |

Ýolbaşçy mugallym (familiýasy, ady, atasynyň ady, wezipesi):
Telefon belgisi:
Elektron poçta: